# Radioaktiwli ýagmyrlar hakynda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Radioaktiwli ýagmyrlar hakynda RADIOAKTIWLI ÝAGMYRLAR HAKYNDA

Ýapyñ, mäkäm ýapyñ äpişgeleri.
Çagalary bulwarlara goýbermäñ.
saklañ öýüñizde, saklañ birzaman,
ýagýan sary ýagyş aýylganç örän.

Sary ýagyş jaýyñ üstüne ýagýar,
şypyrdysy öýe gelip dur daşdan.
Sary ýagyş tohumlary öldürýär.
Ýeri halas etmeli bu ýagyşdan.

Sary ýagyş ak ýagyşa öwrülsin,
tohumlara alyp gelsin güneşi.
Çagalar ak ýagyş astynda gezsin,
ýagyşda aýnany açsyn bar kişi.

1963.

* * *

Nurdan doly Berlin myhmanhanasy.
Bäş sagatda geldim.
Ýaganda ýagmyr,
ol ýerde öl boldy guşlaryñ sesi.
Ol ýeriñ bol zady zenzele, wagyr.

Tramwaýyñ sesi, sagadyñ sesi,
peteñ etjek.
Şkafyñdan assañ-da
ýa kesseñ-de süýşmez sagadyñ dili.
Sagat-konwoý, men hem meñzeş tussaga.

Gaharjañ konwoý dek sagadyñ dili.
Gaharjañ konwoý dek galjak ganyña.
Aeroporta geldim iki sagatda,
bäş sagatda geldim seniñ ýanyña.

Gök gözlerim düşdi gök gözleriñe.
Azat men, kalbymdan gamy aýyrdym.
Maña galsa, otellerde samolýot
ýasanlaryñ heýkelini goýardym.

1963.

Nazym HIKMET.

Terjime eden: Allaberdi HAÝYDOW. Goşgular